Peşew bölüp çykaryjy synalara düşen dürli del maddalar olaryň işleriniň näsazlyklaryny döredip bilerler. Böwrekler, aýratyn hem, çagalaryň böwrekleri dürli zäherli maddalaryň täsirine örän duýgurdyrlar. Zäherli maddalar bolan gurşun, simap, naftalin, benzol we başgalar böwrekleriň öýjüklerini zaýalaýarlar. Çendenaşa ýiti tagamly naharlary iýmeklik hem böwrekleriň ýokarky öýjüklerine zyýanly täsir edýär. Şeýle ýagdaýda böwrekleriň süzüjilik ukyby bozulýar. Netijede, peşew bilen bedene gerekli bolan maddalar hem bölünip çykýarlar. Beden köp mukdarda suwy, aminokislotalary, glýukozany we beýleki ýaşaýyş üçin zerur bolan maddalary ýitirýär. Bölüp çykarmaga degişli bolan maddalar bolsapeşewde gaty az bolýar. Şular ýaly halatlarda bedende agyr böwrek keselleri emele gelýär. Böwrekleriň işjeňligine spirtli içgileriň içilmegi has-da zyýanly täsir edýär. Olaryň böwrekleriň ýokarky öýjüklerini düýpden sandan çykarmagy hem mümkin. Netijede, peşewiň emele gelmek hadysasy bozulýar ýa-da onuň düýbünden emele gelmezligi ýüze çykýar. Bu bolsa adamda agyr böwrek keseliniň döremegine eltýär, adamyň ölüme sezewar bolýan wagtlary hem az bolmaýar.

Has ownuk bedenjikler peşew bölüp çykaryş synalarynyň dürli bölümlerine şikes ýetirip bilerler. Köp mukdarda peýdalanylýan käbir dermanlyk serişdeler (antibiotikler, sulfanilamidler) böwreklerde toplanýarlar. Köp wagtyň geçmegi bilen olaryň böwrek keselleriniň döremegine sebäp bolmagy mümkin. Madda çalşygynyň bozulmagy hem böwrekleriň kesellemegine eltip biler. Şeýle ýagdaýda böwreklerde we peşew çykaryjy ýollarda «daşlar» diýlip atlandyrylýan duzlaryň döremegi we ýygnanmagy bolup geçýär. Daşlar peşewiň akmagyny kynlaşdyrýarlar, gyýçak gyralary bilen peşew çykaryjy ýollaryň nemli bardasyny gyjyndyrýarlar, agyry emele getirýärler. Böwrekleriň keselleriniň döremekleriniň öňüni almak üçin bellibir saglyk düzgünleriniň ýerine ýetirilmegi talap edilýär. Dogry we wagtly-wagtynda iýmitlenmeklik, agyry dişleri we basyk keselini (anginany) öz wagtynda bejertmeklik, derman serişdelerini seresaply peýdalanmaklyk, şahsy saglygyň düzgünlerini berjaý etmeklik böwrekleriň keselleriniň öňüni almaklyga ýardam edýär. Böwrekleri, peşew akdyryjy we çykaryjy akarlary, peşew haltasyny sowuklatmadan gorap saklamaly.

Böwrekleriň kesellerini bejermekde häzirki zaman saglygy goraýyş ulgamy uly üstünlikler gazandy. Şol keselleriň garşysyna güýçli täsirleri bolan dermanlar öndürilýär. Emele gelen daşlary we toplanan duzlary aýyrmagyň usullary işlenip düzüldi. Böwrek keselini bejermek ähmiýeti boýunça bütin dünýäde ikinji orunda durýan Baýramaly şypahanasynyň orny uludyr.

**Çeşme:** Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan taýýarlanan, 8-nji synplar üçin “Biologiýa” dersi boýunça okuw kitaby

Paýlaşyň: